# Meniň oba baryp gaýdasym gelýär

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Meniň oba baryp gaýdasym gelýär MENIÑ OBA BARYP GAÝDASYM GELÝÄR




Bizar bolup galmagally şäherden,
Meniň oba baryp gaýdasym gelýär.
Taýýarlanyp…
Turup irden – säherden,
Meniň oba baryp gaýdasym gelýär.
Eglenmäýin…
Atlanaýyn,
gideýin,
Öz-özüme ak ýol arzuw edeýin.
Ýolda aýdym aýdyp…
Şol öňküm deýin,
Meniň oba baryp gaýdasym gelýär.

Sada,
Pespäl adamlary görmäge,
Olar bilen täsin söhbet gurmaga,

Telwas urup kölegeli gür baga,
Meniň oba baryp gaýdasym gelýär.

Gözüm düşen wagty baýyrlaryna,
Bagrymy oýkasam çaýyrlaryna.
Göwün bölmän dünýäň seýirlerine,
Meniň oba baryp gaýdasym gelýär.

Güni şükür edip batyrmak üçin,
Daňy umyt bilen atyrmak üçin,
Aýagyma tiken batyrmak üçin,
Meniň oba baryp gaýdasym gelýär.

Arassa asmandyr,
Arassa howa,
Şol tanyş adamlar…
nähili gow-a!
Özümden özüme tapmaga güwä,
Meniň oba baryp gaýdasym gelýär.

Dost göwnüdir –
göwnümiň suw içeni,
Şolar bilen ýatlar ýaly geçeni,
Hem görmäge garyp göwün ejemi,
Meniň oba baryp gaýdasym gelýär.

Kem-kem üstümize labyryn atan,
Ýyllar öňe sary taşlaýar gadam,
Garaşýan deý dostum Kakyşdyr, Gadam,
Meniň oba baryp gaýdasym gelýär.

Miwelidi,
Saýalydy baglary,
Goýnunda geçirdim gözel çaglary,
Gozgar ýaly ýürekdäki daglary,
Meniň oba baryp gaýdasym gelýär.

Leýlisaçlar otyr saçlaryn çözläp,
Özüniň günäli gözlerin gizläp.

Söýgülimiň aýak yzlaryn gözläp,
Meniň oba baryp gaýdasym gelýär.

Köňlüm!
Yşkdan ýadap…
tapdan düşenňe –
Gamlanma!
Hasratyň donun düşenme!
Gözläp saňa imisala düşelge,
Meniň oba baryp gaýdasym gelýär.

O ýerleriň gijeleri asuda,
Aý özüni görüp uýalýar suwda.
Iň bolmanda –
Hyýalda ýa arzuwda,
Meniň oba baryp gaýdasym gelýär.

Barsam…
Aýagymyň astyna häli,
Mymyjak otlardan düşeler haly.
…Soň hiç haçan gaýdyp gelmejek ýaly,
Meniň oba baryp gaýdasym gelýär.

Aýyt GURBANOW,
Gurbansoltan eje adyndaky etrabynyň 2-nji orta mekdebiň müdiriniň terbiýeçilik işleri boýunça orunbasary. Goşgular